# Russiýa çak edilşi ýaly güýçlem däl eken!

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Russiýa çak edilşi ýaly güýçlem däl eken! RUSSIÝA ÇAK EDILŞI ÝALY GÜÝÇLEM DÄL EKEN!




Söýgüli okyjylarym, şu gün size Russiýa-Ukraina urşundan birazajygam bolsa söz açmak isledim.
Herhal çaklansyňyz, men belli meselelerde olar ýaly derejede gürrüňini çürt-kesik orta atyp, bilgiçlik satýan biri däl.
Başgaça aýdylanda, günüň 24 sagadyny diýen ýaly ekranlara çykyp, hemme zat barada gep otaryp oturanlardanam däl.
Beýtmek üçin «hemme babatda hünärmenlige ýeten (!) görkezmelik hünärmen» bolmak gerek, a meniň bolsa bular ýaly ukyp-başarnygym ýok, gynansak-da!
Hemme zady bilýänden, hemme zada düşünýänden!
Olar ýaly zat ýok, how!..
Şu ýerde okaýan ýazgylaryňyzam ýönekeý watandaş sypatynda ýazyp, siziň dykgatyňyza hödürleýärin.
* * *

Şindi (hetdim bolmasa-da) geleliň Russiýa-Ukraina urşuna…
Diňe biz däl, bütin dünýä Orsyýete super güýç hökmünde garaýardy. Meger ýalňyşan ekenik.
«Haý duraweriň, Russiýanyň gaharyny getirmäň, nerwisini oýnamaň, üstümize gelse bizi toz-dumana öwrer, özümizi goralyň» düşünjesi bütin dünýäde bardy.

Bütin dünýä Ukraina çozmagyndan soñ urşuñ Russiýanyñ ýeñişi bilen gutarjagyny we iñ gysga wagtda tamamlanjagyny çaklaýardy.
Iñ gijä galynanda bir hepdäniñ içinde paýtagt Kiýew boýun egmeli, Ukraina agyr ýeñlişe uçramalydy. Biziñ hünärmenlerimiz şeýle diýýärdi!
Emma bolmady…
Eýýäm iki aýa golaýlap gelýär, ýeñişden habar-hatyr bolmaýşy ýaly, dünýä mediýasyndanam görşümizçe Russiýa agyr ýitgileri berýär.
Görşümiz ýaly «super güýç» Russiýa çak edilşi ýalam güýçli däl eken!
Hiç bir etmişi bolmadyk bigünä raýatlar öýlerinden-illerinden jyda düşýär, ýüz müñlerçesi goñşy ýurtlara gaçýar, müñlerçesi öldürilýär.

* * *

Ukraina babatda aýdylanda, iññän agyr ýitgileri berdi. Ýurduñ ykdysadyýeti we hemme zady ýer bilen ýegsan boldy, ýykan-ýumranlyga uçrady.
Aslynda Ukraina Günbatar ýurtlarynyñ «Troýa atydy». Russiýa üçin çynlakaý howp abandyrýan ýurtdy.
Ol Günbataryñ peýdasyna hallan atan, emma şindi görşüñiz ýaly hyýanata uçran ýurt bolup galdy.
Uruşdan öñ Ukraina ne wadalary beripdiler:
«Siz öz ýeriñizde berk duruñ. Russiýa hiç zadam edip bilmez. Biz arkañyzda durarys. Gerek bolsa NATO-nyñ düzümine alarys, Ýewropa bileleşigine alarys, çeken maddy we magnawy zyýanlaryñyzyñ barsynyñ öwezini dolarys!»
Diýmek, aldapdyrlar, ýalan sözläpdirler. Bu babatda häzire çenli ýekeje oñyn eden işleri ýok.
Boş sözler bilen wagt geçirýärler, dogrusy, wagt utýarlar, emma bar bolýanam garamaýak halka bolýar.

* * *

Ýeri, biziñ bu uruşda ýagdaýymyz niçiksi?

AKP häkimiýeti dessine işiñ şowhunly tarapyna ýöneldi.
Putin bilen Zelenskini Stambulda duşuşdyrma atraksionlary orta atyldy, emma pak çykdy!
Araçy roluna girdiler, hiç kim gulak asmady.
Emma biz bu uruşda dälem bolsak, iñ uly zyýan bilen çykjagymyz häzirden belli bolan ýurtlardan biridiris. Gysgaça beýan etmäge synanşaýyn:

* * *

– Kiýew howa menzilinde iki sany uly harby uçarymyz «ýesir»… Uruşdan öñinçä hiç hili barlag geçirmän, maglumat edinmän, «Koca Yusuf» atly iki uly ýük daşaýjy (A400M) uçarymyz ol ýerde eli-goly bagly garaşdyrylýar. Milli baýlygymyz, döwletiñ emlägi bir duran ýerinde çüýräp ýatyr.
– Odessa ýaly ukrain port şäherlerinde 11 sany gämimiz bar. Olaram «ýesir». Bu gämilere günebakar ýagy, bugdaý ýaly harytlar ýüklenipdi. Gämileriñ işgärleri-de nägile ýagdaýda. Bizi dolandyrýan aýmazlar (şowakörler) olaryñ sesini eşidenok. Boş lakgyldydan başga olary halas etmek üçin ädilen ýeke ädim ýok.
– Uruşdan öñinçä Russiýa we Ukraina haryt äkitmek ýa-da getirmek üçin ýola çykan müñe golaý TYR-larymyz ol ýerlerde dyknyşyp galdy. Näme ediljek, olary kim halas etjek… hiç kim hiç zat bilenok.
– Hasam beteri bar! Öñümizdäki tomusda Russiýadan, Ukrainadan geljek millionlarça turiste garaşýardyk. Edil häzirki ýagdaýda ýurdy perişan bolan Ukrainadan haýsy turist geler öýdýäñiz? Rus turistleri geler diýýän bolsañyz-a, olaryñam sanynyñ (uruş entek dowam etjek bolsa) azaljagyny we ummasyz uly zyýana galjakdygynyzy çak edýärin.
– Her iki ýurtda köp sanly türk telekeçileri we işewürleri bar. Bularyñ aljaklary we gazançlary nähili bolarka?

* * *

Russiýa we Ukraina… Uruş zerarly iki ýurdam weýran boldy we uly ýykgynçylyklaryñ bolmagy dowam edýär.

Iki ýurduňam adam we serişde ýitgisi iňňän köp. Hasam beteri, Ukrainanyň infrastrukturasy weýran boldy.
Kiýew häzirlikçe amanda, emma Ukrainanyň birnäçe şähere haraba döndi.
Russiýanyň ykdysadyýeti diýseňiz, olam çöküşiň gyrasynda.

* * *

Şindi soralmagy gerek esasy sorag (meniň pişigiň kellesi ýaly kellämiň aýlanyşyna görä) şudur:
Uruş gutarjaga meňzeýärmi?
Meniň pikirimçe-hä, bu golaýda gutarjaga meňzänok…
Dowam etdigiçe-de iki ýurdam hemme ugurda has agyr weýrançylyga uçrajakdygy köre hasa…
We günüň birinde nebit-gazyň bahalary gymmatlap, tabak ýene biziň kellämizde döwüler.
Geljek turistlerden-ä tamamyzy üzdük, iň bolmanda häzirlikçe Kiýewde «ýesirlikde» saklanýan iki uly harby uçarymyzy we ukrain portlarynda saklanýan gämilerimizi sag-salamat halas edip bilsek…
Hem dygysyz şow turuzmakdan, bolar-bolgusyz propoganda beýanatlaryny bermekden az-owlagam bolsa saplanyp bilsedik!

Emin ÇÖLAŞAN.

«SÖZCÜ» gazeti, 15.04.2022 ý. Publisistika